# Antik Ysraýylda depin

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Antik Ysraýylda depin ANTIK YSRAÝYLDA DEPIN




Kalkolitik döwürde (b.e.öňki 5000-nji ýyldan başlaýan Bürünç eýýamy») kenarýaka sebitleriň ugrunda Azor, Bene-Berak, Hedera ýaly ýerlerde täze dürli mazarlar orta çykmaga başlady.
Bular ölenleriň bejergisinde esasy rol oýnaýan ossuariniň birinji görnüşine yşarat edýär. Bu irki ossuari ýüňden edilipdir we esasan kiçijik öýe meňzeýän görnüşde şekillle getirilipdir.
Stilleriň we şekilleriň dürli-dürliligi ölenleriň öýlerine meňzeş edilendigini görkezýär, bulam ýaşaýyş bilen ölümiň arasynda dowamlylyk duýgusynyň bolandygyny aňladyp biler.
Ierihonyň kelleçanaklarynyň üstüniň açylmagy bilen birlikde iki tapgyrly mazarlaryň artýan ulanylyşyny görkezýärler.
Birinji tapgyrda merhum ýa gömülipdir ýa-da eti çüýredänçä nişada ýa-da diňe süňkleri galýança gowakda goýlupdyr.
Ikinji tapgyrda süňkler ýygnalyp, täzeden jaýlanypdyr we gaplara salnyp, daşlara köwülip ýasalan nişalara ýerleşdirilipdir.
Süňkjagazlaryň arasy kelleçanagyň (iň uly ýer tutýan süňk) içine ýerleşdirerden uly bolupdyr. Miniatýura ossuari has ulularda mazar deregine ulanylypdyr.

Gapylar käte şulara görä ýasalypdyr we bulardan käbiri adam ýüzüni şekillendirýän boýagdyr gabardylyp çekilen bezegleri öz içine alypdyr.




1990-njy ýylyň noýabr aýynda Ierusalimdäki bir gowakda on iki sany ossuari tapyldy. Ikisi Kaiafa adyny göterýärdi we iň bezeglisinde iki gezek «Kaifanyň ogly Ýozef» ýazgysy bardy. Içinde-de altmyş ýaşlaryndaky bir erkegiň süňkleri bardy. Birnäçesi bularyň Isanyň «Injilden» gelýän antagonisti olan Kaifanyň galyndylarydygyny öňe sürýär. Şol bir wagtyň özünde ilkinji ossuari hem ýüze çykyp, Lewantdaky adamlaram daş gapyrjak mazarlary ulanmaga başlady.
Daş gapyrjak esasan ýere gazylan we daş plitalary bilen örtülen, käte üstünde bir plita goýlan dörtburçlyk deşikdir. Käte üst-üstüne birnäçe adamyň goýlandygy görünýär we bularyň maşgala mazarlary üçin edilendigini çaklap bileris.




Mazardaky bu edim-gylymlar uzak wagtlap dowam edýär we Mis eýýamynda (b.e.öňki 3000-nji ýyldan başlap) dag daşyndan, ak daşdan ýa-da ýerde dikligine çukuryň gazylan wal gömülgiler birleşdirilýär.

Eger ýerden gazylan bolsa, diwarlar daş bilen örtülipdir. Bu gömülginiň düýbünde bir otag açylypdyr we uly daş bilen agzy ýapylypdyr.

Otaglar dürli görnüşlerde (dik dörtburçluk, otaglaýyn, şekilsiz) we ölçeglerde edilipdir. Üç, dört, hatda has köp dik dörtburçlyk otag bu esasy otagdan bölünip, otaglar üçin nişalar emele getirip biler.

Käbir mazarlarda merkezde süňkler üýşürülip goýlan, daş-töweregi golçalar we aşhana gurallary düzülip goýlupdyr.

Käbir gämilerde azyk tapyldy. Bulary ölüler bilen iň soňky gezek bir zatlar iýmek üçin goýandyklaryny çaklaýan pikirler bar. Dünýäniň beýleki ýerlerinde hem halk medeniýetinde giňden ýaýran bir edim-gylymda aramyzdan gidenler bilen nahar iýmek adaty bar.

Bu ýerde kairn (tur, ýagny daş tümmek) mazarlary-da tapyldy. Adamlar ýüzleý mazarlara jaýlandy, bularyň üstýne soňabaka daş-damana üýşürildi we gaýa daşlary bilen örtüldi.

Esasan depe bolan tumuluslar (kurganlar): üstüne ownuk gaýalar we gum üýşürilen mazar tümmekleri-de şu döwürde ýüze çykyp başlaýar. Negew ýaýlalarynda müňlerçe kurgan tapyldy.




Hazynalar bilen doly uly mazarlar ýok, ölüler üçin sowgat hökmünde taýýarlanan kiçijik ýerler bar. Bularyñ gurbanlara metafiziki, kult ýa-da dini ugur görkezmezden merhumlara degişli hazynalardygyny çaklap bilerismi?
Ýa bolmasa sebitiñ Müsüre ýakynlygy o dünýä hakda ösüp barýan we janly garaýyş bilen hem-de ýolagçylyk etmek üçin mätäçlik duýulýan närseler bilen belli bir derejede baglanyşyklydygyny görkezýärmi?
Ikinji Ybadathana döwrüne girenimizde, bu soraglaryñ jogaplary biraz aýdyñlaşýar.

Umut ATASEWEN,

gadymydünýä taryhçysy / @atasevenoffica

Ýekşenbe, 21.08.2022 ý. Taryhy makalalar